**Rozmeňli Hojamyradowa**

# TÜRKMEN AKYLDARY AL-FARABYNYŇ PSIHOLOGIÝA YLMYNYŇ ÖSÜŞINE GOŞANDY

Alym Arkadagymyz: "Biziň Oguz han atamyzyň mekdebinden gözbaş alyp gaýdan, Abu Reýhan Biruny, Abu Nasyr Faraby, Muhammet Horezmi, Ibn Sina, Mahmyt Kaşgarly, Mahmyt Zamahşary ýaly beýik alymlaryň zehininde eýlenen, Abu Sagyt Abylhaýyr, Hoja Ahmet Ýasawy, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Mämmetweli Kemine, Seýitnazar Seýdi, Gurbandurdy Zelili, Mollanepes, Annagylyç Mätäji ýaly beýik şahyrlarymyzyň döredijilik ussahanasynda taplanyp, kämillige ýeten we ölmez-ýitmez bolan milli ylym, bilim, döredijilik mirasymyz bardyr" diýip belleýär (*Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: TDNG, 2014. 22 s.).

Adamzat ylmynyň taryhynda öçmejek yz galdyran türkmen akyldarlarynyň biri hem IX – X asyrlaryň sepgidinde ýaşan Abu Nasyr Muhammet ibn Uzlug ibn Tarhan al-Faraby et-Türkidir. Ylmyň dürli pudaklaryna özüniň oýlap tapyşlary, ylmy açyşlary bilen goşan goşandy üçin ol "Ikinji mugallym" diýen beýik derejä mynasyp bolan şahs hökmünde ykrar edilýär. Beýik akyldar 200-e golaý ylmy eseri miras galdyrypdyr (*Aýdynly Ý.* Farabynyň ömür ýoly, eseri we latyn dünýäsine eden täsiri // Miras. – 2012. – №3.). Alymyň ylmy mirasynyň çygry giň, gory uly, ol häzirki zaman ylymlarynyň aglabasynyň esaslaryny özünde jemleýär.

Al-Faraby orta asyrlarda ýüze çykan filosofik we psihologik pikirleri esaslandyryjylaryň biri hasaplanýar. Ol dünýä ylmynda özboluşly psihologik pikirleri bilen uly meşhurlyga eýe, çünki beýik akyldaryň döredijiliginde psihologik garaýyşlara uly orun berilýär.

Faraby psihologiýa ylmy boýunça hem köp sanly eserleri döredipdir. Alymyň "Kalbyň düýp mazmuny barada eser", "Düýş hakda söz", "Kalbyň güýji hakda", "Akyl we düşünje", "Ýaşlaryň akyly hakynda söz", "Ululary̆ň akyly hakynda söz", "Temperament hakynda", "Päk ahlakly şäheriň ýaşaýjylarynyň garaýyşlary barada eser", "Soraglaryň düýp manysy", "Düşünjäniň esasy barada", "Ylymlaryň gelip çykyşy barada", "Pähim-paýhas esaslary" ýaly işleri aýratyn ähmiýete eýedir.

Adamzat biliminiň özbaşdak pudagy hökmünde her bir ylmyň öwrenýän predmeti bardyr. Psihologiýa ylmynyň göz öňünde tutýan meselesi psihikanyň döreýşiniň, ösüşiniň, ýüze çykyşynyň kanunalaýyklyklaryny öwrenmekden ybaratdyr. Psihologiýa ylmy jemgyýetiň ösüşiniň düşünjeli subýekti hökmünde adamyň içki dünýäsini we onuň ösüşini öwrenýär (*Basarow B.* Umumy psihologiýa. – Aşgabat: TDNG, 2010.).

Alymyň psihologik gözlegleri baradaky işleriniň aglabasy ruh we beden meselesine bagyşlanýar. Faraby adam ruhunyň merkezi ýürek diýip hasaplapdyr. Onuň garaýyşlaryna görä, ýürek bedeniň beýleki synalary tarapyndan dolandyrylmaýan esasy agza, onuň ösüşiniň netijesinde akyl işi kemala gelýändir.

Al-Faraby beýnide aýratyn nerw merkezlerini tapawutlandyrýar. Ol merkezleriň biriniň ýylylygy sazlaýandygyny, ukyplylygy kämilleşdirýändigini, beýlekisi arkaly pikirlenmäge itergi berilýändigini we üçünjisiniň üsti bilen ýatda saklamaga hem-de ýatlamaga goşant goşulýandygyny nygtaýar. Al-Faraby nerwleri differensirlemek bilen, olaryň ýerine ýetirýän işini iki görnüşe bölýär. Olary *duýgur* we *hereketlendiriji iş* görnüşinde atlandyrýar. Onuň pikiriçe, adamlarda ruhy güýç hem bar. Ruh beden bilen bir wagtda ýüze çykýar. Bedeniň ýagdaýy ruhuň ýagdaýyna-da öz täsirini ýetirýär. Adaty ýagdaýyny saklamak we öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin, ruh sagdyn bedene mätäçdir.

Farabynyň pikiri boýunça, ruh herekete ýa-da hereketlendiriji we akyl ýetiriji güýçlere bölünýär. Hereketlendiriji güýçler ähli janly tebigata (ösümliklere, haýwanlara, adamlara) mahsus, olaryň hemmesi hereket etmek ukybyna eýedir. Akyl ýetiriji güýçler diňe adamlarda we haýwanlarda bolýar, olar beýnide daştöweregi şöhlelendirip bilýärler. Ösümliklerde beýle ukyp ýok, şonuň üçinem olar bu topara goşulmaýar.

Al-Farabynyň şahsyýetiň psihiki hiline bolan garaýyşlary hem özboluşlylygy bilen psihologlaryň ünsüni çekýär. Ol şahsyýetiň psihiki häsiýetlerini seljermek bilen, pikirlenişi, duýujylygy, göz öňüne getirmeleriň aýratynlyklaryny açyp görkezýär. Akyldaryň pikiriçe, ýatkeşlik özünde pikirlenmeden we göz öňüne getirilen zatlardan alnan maglumatlary saklaýar. Onuň kömegi bilen adam özüniň bilimi-

ni artdyrýar we durmuş tejribesini kämilleşdirýär, zyýanly endiklerden daşda durýar, peýdaly zatlara ymtylýar. Adam pikirlenende, duýulýan barlygyň çuň manysyny öwrenýär. Oýlanmak bolsa işjeňligiň, döredijiligiň iň ýokary görnüşidir. Oýlanmak tebigy duýgulary tertipleşdirmäge täsir edýär.

Alymyň garaýşyna görä, duýgurlykdan tapawutlylykda, pikirlenmek düşünmek bilen häsiýetlendirilýär hem-de diňe bir şekilleriň şöhlelenmegi we jemlenmegi däl-de, eýsem, bu iş, onuň manysyny, umumy düzgünlerini, kanunlaryny bilmek bilen baglanyşdyrylýar. Al-Farabynyň pikirinde "düşünmek işi" has-da ileri tutulýar.

Pikirlenmek sözleýiş bilen hem ýakyndan baglanyşyklydyr. Ol: "Köp sözleri, zatlary, adam atlaryny ýatlamakdan we öwrenmekden olara düşünmek has gowudyr" diýen garaýşy öňe sürýär. Akyldar daşky we içki sözleýşi tapawutlandyrmagy zerur hasaplaýar. Içki sözleýiş hökmünde ynsan kalbynda düşündiriş arkaly emele gelýän esaslary kabul edýär. Daşky sözleýşiň bolsa, akylyňda bar zadyň dile getirilmegi bilen öňküden tapawutlydygyny belleýär.

Al-Farabynyň psihologik mirasynda hyýal baradaky garaýyşlara aýratyn orun degişli. Ol hyýalyň iki wezipesini kesgitleýär. *Ilki bilen,* adam hyýaly düşünjäni ele alýar, obýektleriň daşarky şekillerini göz öňüne getirýär we olary täze şekillere birleşdirýär. *Ikinjiden,* pikirlenmek üçin maglumat taýýarlanýar. Al-Faraby hyýaly güýjüň täsiriniň düýş bilen baglanyşyklydygyny nygtaýar. Ýatda saklanýan we kadalaşdyrylan şekilleriň tolgunmagy sebäpli ýüze çykýar we käwagt düýşde adam, hakykatdan-da, durmuşda bolup geçýän zatlary görýär. Faraby düýşlere adamyň nerwlerindäki obýektiw işleriň özboluşly şöhlelenmesi hökmünde ylmy düşündiriş berýär.

Al-Faraby şahsyýetiň erkiniň hilleri dogrusynda hem ylmy pikirlerini beýan edýär. Akyldaryň pikiri boýunça, meýletin duýgy ýagdaýlary garaşsyz ruhy güýç hasaplanylmaýar. Şeýlelik bilen, hyjuwlar, gazap diňe dürli ruhy güýçleri "reňkleýär" we adam bedenini herekete getirýär. Duýgular, esasan, adamyň beden aňlatmalarynda ýüze çykýar. Mysal üçin, utanjy başdan geçirýän adam gyzarýar, gorky ýagdaýynda onuň ýüzi solýar. Ruhy güýçler taglymatynda al-Faraby özbaşdak psihologik aktda erki tapawutlandyrmaýar. Erk meselesine ahlak taýdan seredýär. Erk – duýguda we yhlasda öz beýanyny ýüze çykarýan isleg. Emma beýik filosofyň garaýşy boýunça bu diňe ilkinji erkdir. Ikinji erk hyýaldan dörär we islegi boýun eder. Göz öňüne getirmek bilen ýüze çykyp, ilkinji bilimleri ele almak üçin giňişlik açýar, netijede, üçünji erkiň ýüze çykmagy başlanýar. Soňky erk adamyň "gürleýän güýçden" döreýän islegi. Al-Faraby muny "saýlamagyň güýji" diýip atlandyrypdyr. Bu diňe adamlara mahsusdyr. Şeýle erkiň üsti bilen ýagşylygy ýamanlykdan, owadanlygy görksüzlikden tapawutlandyryp bolar. Saýlama güýjüniň kömegi bilen adam bagty gazanmagy başarýar, sebäbi ol ýagşylygy ýamanlykdan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Alym adamlaryň aýrybaşga aýratynlyklary barada özboluşly pikirleri öňe sürýär. Olarda akyl aýratynlyklarynyň tapawudyny ýüze çykarýar. Al-Faraby, hususan-da, "Bedenler biri-birinden düýpli tapawutly bolansoň, ruhlar hem öz aralarynda düýpli tapawutlanýar" diýen garaýşy öňe sürýär (*Зарикбаев К.Б.* Психологическая наука в Казакстане. Монография. – Алматы, 2002. 54 c.). Onuň pikiri boýunça, buzuň we gaýnaýan suwuň tapawutlanyşy ýaly, adamlaryň hem tebigaty birmeňzeş däldir.

Al-Faraby umumy psihologiýanyň meselelerinden başga-da, durmuşy we etnopsihologiýanyň meselelerini hem derňäpdir. Onuň adam bilen jemgyýetiň özara gatnaşygy, dürli gatlaklardaky hem-de toparlardaky adamlaryň durmuş-psihologik aýratynlyklary baradaky garaýyşlary psihologiýa ylmynda wajyp orny eýeleýär. Akyldar milletleriň, halklaryň biri-birinden tebigy endikleri we ahlaklary, häsiýetleri, dili boýunça tapawutlanýandygyny belläp geçýär.

Al-Faraby halk häsiýetiniň we onuň ýüze çykmagynyň sebäplerini geografik gurşawyň aýratynlyklary we olaryň peýdalanýan tebigy baýlyklary bilen baglanyşdyryp düşündiripdir. Onuň pikiriçe, geografik gurşaw adamlaryň psihikasy arkaly jemgyýete täsir edýär.

Al-Faraby adamlaryň psihologiýasyny asman jisimleri bilen hem baglanyşdyryp öwrenýär. Halklaryň psihologiýasynyň emele gelmegine täsirini ýetirýän daşky gurşawyň tebigy şertlerine aýratyn serişde hökmünde garaýar. Daşky gurşawyň jemgyýetçilik gurluşynyň derejesine ýokary täsirini ýetirmeýändigini belleýär.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**

**Kabul edilen wagty**
**2021-nji ýylyň 25-nji oktýabry**